# Bäşburç – kommunistiňki, altyburç – ýewreýiňkimi?

Category: Edebi makalalar,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bäşburç – kommunistiňki, altyburç – ýewreýiňkimi? BÄŞBURÇ – KOMMUNISTIŇKI, ALTYBURÇ – ÝEWREÝIŇKIMI?

Biziň neslimiz üçin bäşburç ýyldyzyň şekili beýik oktýabr rewolýusiýasyndan başlanýardy, işçi daýhan döwletiniň simwolydy. SSSR-iň baýdagynda, gerbinde bäşburç ýyldyz bardy. Onuň burçlary dünýäniň bäş kontinentini aňlatmak bilen, olaryň ählisinde sosializmiň ýeňjekdigine şübhe bolmaly däldi. Sosialistik lagere girýän ýurtlardan başga-da, Türkiýe, Tunis, Çili, Gana, Braziliýa, Aljir, Italiýa we ýene birnäçe kapitalizmiň "zulmundaky" ýurtlaryň döwlet nyşanlarynda bäşburçlugyň bolmagy bize geňdi. Onuň anyk jogabyny berip bilýän ýokdy. Ýöne olaryň bäşburçlugynyň reňkiniň gyzyl däldigini entek ol ýurtlarda işçi-daýhan häkimliginiň berkarar bolmandygyny mälim edýän alamatdyr öýdýärdik.
Türkmenistan döwlet garaşsyzlygy jar etdi, onuň täze baýdagyndaky bäşburç ýyldyzlaryň sany bäşe ýetirildi. Olaryň hersi bir welaýaty aňladýar diýip düşündirdiler. ABŞ-nyň döwlet baýdagyndaky ýyldyzlaryň sany-da ştatlaryň sanyna gabat gelýär. Moskwada, Kremlde oturdylýan baş ýolkanyň depesinde-de Spasskaýa başnýanyň depesindäki ýaly lowurdap bäşburç ýyldyz ýanardy. Eýse, bäşburçluk kommunistleriň tapan nyşanymy, ýa-da welaýatlaryň, ştatlaryň belgisimi? Beýle diýsek onda Türkiýe sosialistik ýurdam däl, welaýata-da, ştata-da bölünenok, emma baýdagynda bäşburç ýyldyz bar. Türkmenistanyň täze baýdagynyň ýüzündäki ýyldyzlaram, Türkiýäniň baýdagyndaky ýaly ak reňkde. Eýse, bu alamat biziň kommunistik ideologiýadan el üzendigimizi aňladýarmy?
Arazbaý Öräýew: "Türkmenistanyň döwlet nyşanlary" atly kitabynda: "Öňki Gerbde ýyldyzyň reňki gyzyldy. Gyzyl ýyldyz biziň halkymyzda gowy görülmeýär we yrym edip, ondan gaça

durmaga çalşylýar. SSSR-iň döwlet gerbinde gyzyl ýyldyza esasy orun berlipdi. Aslynda, ak nur bolup parlaýan ýyldyza gyzyl reňkiň berilmegi oňa gan öýlen görnüşi berýärdi. Sowet häkimiýetiniň ilkinji on ýylynda graždanlyk hem basmaçylyk urşunyň bolmagy, 30-njy ýyllardan tä, uruş döwrüne çenli "halk duşmany" diýlip, köp bigünä adamyň öldürilmegi, Beýik Watançylyk urşunda millionlarça adamyň gyrylma-gy bilen köp gan döküldi. 1948-nji ýyldaky Aşgabat ýer titremesi zerarly-da adam gany köp döküldi we diri galanlaryň gara bagryny gan öýdi" diýip ýazýar. Eger bolşewikler baýdaga gyzyl reňk berenlerinde işçi-daýhan ganynyň reňkinden mysal tutandyklaryny ýada salsaň, awtoryň delillerinde geň-taňlyk ýok. Soňra Öräýew ýyldyz hakynda: "Geraldikanyň kanunyna görä ýyldyz bakylygy alamatlandyrýar. Bu arzuwyň hem hyýalyň, ýagtylygyň hem adalatyň, alys ýoluň simwolydyr. Bäşburç ýyldyz gadym wagtdan bäri Ene ýeriň alamaty saýylyp gelinýär. Onuň bäş burçy älem-jahanyň süňňüni bina edýän bäş alamatdan: toprakdan, suwdan, howadan, göze görünmeýän ownuk jisimlerden, süýgeşik jisimlerden habar berýär" diýýär.

Ýazgymyzy "Mif we simwola" salgylanyp dowam etsek, bäşburç ýyldyz gadym zamanda ýaýran simwollaryň biri. Geraldik görnüşde alanyňda ol guş siluetini ýatladýar. Käbir alym onuň gelip çykyşyny guşuň şekili bilen baglaýar. Ariel Golan muny goldamaýar, tutaryk hökmünde bir delili öňe sürýär. Bu simwol ilki biziň eýýämimizden ýedi müň ýyl ozal Kiçi Aziýada döräpdir, emma nusgalyk ediner ýaly ol döwürde guşuň şekilini çekmegi bilmeýän ekeniler. Şonuň üçin hem başga bir fakta gol ýapmak has ýerlikli bolsa gerek. Gadymy müsürlilerde depesine bäşburç ýyldyz çekilen öküziň şekili bar. Bu bolsa neolit zamanyna mahsus Beýik Aýal hudaýyň simwolydyr.

A.Öräýew: "Bäşburç ýyldyz gadymdan bäri Ene ýeriň alamaty saýylyp gelinýär" diýýär. Muny delillendirmäge esas bar. Gadymy müsürlileriň baş hudaýy Osirisiň enesi Asman hudaýy Seb. Osirisiň gudratynyň öküze ýöňkelendigini-de aýdypdyk. Ýer göteren sary öküziň şahyndaky Bäşburçlugyň Zemini aňladýandygy düşnüklidir.

Meşhur Olimpiýa oýunlarynyň Gresiýada dörändigini bilýäris.

Onuň emblemasy bäş halkadan ybarat. Halkanyň Beýik Aýal hudaýyň simwolydygyny aýdyp geçipdik. Eger ýolkany Dünýä daragtynyň simwoly hökmünde alsak, onuň-da şol hudaý bilen baglydygy bize mälim. Diýmek, depesine ýyldyz goýlan ýolka agajyna, butparazlaryň ynanjyna görä, Asmanyň ýa-da Günüň simwoly bilen utgaşdyrylan mukaddes daragt diýip düşünmeli. Görüň, döwürleriň dolanmagy bilen simwollaryň manysy nähili üýtgeşmelere sezewar edilýär!
Türkiýäniň döwlet baýdagynda bäşburç ýyldyz bilen ýarym aýyň şekili bar. Bu gabatlaşma tötänleýin döredimikä? Munuň sebäbini Wenera planetasyndan başlamaly. Wenerany türkmenler Ömürzaýa ýyldyzy, Daň ýyldyzy diýip atlandyrýarlar. Agşam Güni ugradanda ol Ömürzaýa, irden Güni garşylanda Daň ýyldyzy bolýar. Oňa Aý ýanynyň ýyldyzy hem diýilýär. Gadymy greklerde ol gözellik hudaýy, rimlilerde söýgüniň hudaýy diýip tanalypdyr. Grekleriň döreden rowaýatyna görä, söýgüniň hem gözelligiň hudaýy Wenera Adonis atly awçy ýigide aşyk bolupdyr. Günlerde bir gün ýekegapan Adonisiň bedenini para-para edipdir. Wenera ajy gözýaş döküpdir. Damjalar dürli öwüşgindäki anemon gülüne öwrülipdir. Adonisiň bedeninden akýan al gandan täsin gyzyl bägül döräpdir.
Wenera asman hudaýynyň ornuny tutupdyr. Neolit zamanynda daň ýyldyzy bilen agşam ýyldyzyny Beýik Aýal hudaý bilen baglapdyrlar. Bu ýyldyzlar Aýyň gapdalynda bolupdyrlar. Aý jyns taýdan erkek hasaplanypdyr, ony Asman hudaýynyň adamsy diýip bilipdirler. Şondan dörän meşhur “Ýarymaý bilen Ýyldyz” emblemasy musulmanlara wizantiýalylardan galypdyr, wizantiýalylara bolsa, ol Alynky Aziýanyň gadymy halklaryndan geçipdir.
Wenera gadym zamanlarda “şeriň ýyldyzy” hem diýilýän ekeni. Onuň şu roly bilen galtaşýan bir rowaýat türkmenlerde-de bar. Ol “ýyldyza ýörän ýaly” diýen ynanja getiripdir. Munuň bilen has dolurak tanyşmak isleýänlere Gurbanmämmet Gurbandurdyýewiň “Ýyldyzlar barada söhbet” atly kitabyny okamagy maslahat berýärin.
Bäşburçly ýyldyz baradaky mesele biraz aýdyň, onda altyburçly ýyldyzam-a bar, oňa nähili düşünmeli diýersiňiz. Biz häzir

altyburçly ýyldyzy esasan, Ysraýyl döwletiniň baýdagynda görýäris. Asyl ol indi ýewreýleriň emblemasyna öwryldi, oňa Dawidiň (Dawudyň) ýyldyzy diýýärler. Ýa aslynda-da bu nyşan ýewreýleriňki boldumyka? Bu sowala ýok diýip jogap bermäge ýeterlik esas bar. “Mif we simwol” diýen kitapda onuň döreýişi yzarlanýar. Altyburçly ýyldyz neolit zamanynyň başynda peýda bolýar. Onuň grafema belligi ýeri suwarýan alty bulut diýen manyny aňladypdyr. Ýa-da, Asmanyň hem Zeminiň simwollarynyň birleşmesini aňladýar diýse bolar. Alty burç-Zeminiň, ortadaky tegelek-Asmanyň belligi. Öňki miniatýuralarda-da hajyň Zeminiň dört tarapyny görkezýän nyşan bolandygyny aýdypdyk. Alty tarapa şöhle saçýan ýyldyz bolsa, Beýik Aýal hudaýyň nyşany bolmak bilen ol gözýetimiň alty tarapyny gökezýär.
Gadymy Ysraýylda bu grafemanyň ulanylandygy hakynda fakt örän az, ol esasan beýleki gadymy medeniýetlere degişli ýadygärliklerde gabat gelýär. Şonuň üçinem gadymy Ysraýylda altyburçly ýyldyzyň milli, ýa-da bolmasa, dini simwol bolandygyny aýtmaga esas ýok. Orta asyrlarda köp halkda bolşy ýaly, ýewreýleriň arasynda dürli tumar, amulet meşhur ekeni. Şular ýaly gudratly güýje eýe diýlen zatlaryň ýüzüne, gadymy manysy unudylan nyşanlaryň suraty çekilipdir. Şol nyşanlaryň biri-de altyburç ýyldyzynyň şekilidir. Ýöne, onuň ýewreýleriň arasyndaky meşhurlygy hristianlaryň, musulmanlaryň arasyndaka garanyňda pes gelýärdi. Bu şekil stilistik aýratynlygyna garanyňda gotik arhitekturasyna ýakynlygy bilen tapawutlanýar, şol sebäplem gotik ybadathanalarynda ony şekillendiripdirler. Soňra ol kem-kemden ýewreýleriň ybadathanalarynda-da ýagny, sinogoglarynda-da peýda bolýar. Ýewreýler tarapyndan onuň ýörite simwol hökmünde ulanylyp başlanmagy XII-XIV asyrlara degişli. Oňa ýewreýçe Mager-Dawid-Dawudyň galkany diýip at berýärler. XV asyrdan ony kitaplaryň jildine basýarlar. XIV-XVI asyrlaryň dowamynda Pragadaky ýewreý obşinasy altyburç ýyldyzy özleriniň emblemasyna öwürýärler. Soňky iki asyrda ony Ýewropanyň ähli ýewreýi kabul edýär. On dokuzynjy asyryň ahyrlaryndan başlap, ol dini simwola öwrülýär, soňra altyburç ýyldyz sionçylaryň tagallasy bilen ýewreýleriň umumy milli emblemasynyň derejesine göterilýär. Diňe şu ýagdaýdan soň

hristianlar, musulmanlar bu nyşandan düýpgöter ýüz dönderýärler.

Tirkiş JUMAGELDI. Edebi makalalar